# Saña ýazylan hatlardan

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Saña ýazylan hatlardan SAÑA ÝAZYLAN HATLARDAN

Heniz iñrik garalanok,
Sen aýnadan garanañok, –
Garganañok,
Neşe berip zülpleriñe,
Zybalanyp darանañok.

Hala ýalka, hala ýazgar,
Señ erkiñde porhan ýazlar.
Ýöne saña ýarananok,
Sebäp iñrik garalanok.

Köñül guşuñ –
Alyp huşuñ
Penjireden ötüp gidýär.
Hyýalyñda hurma kybap,
Dodaklarñy yşkbaz şemal,
Ýalap, ýalap,
Hemem ýañrap,
Ýadandan soñ meniñ kimin,
Aýbygadym öpüp gidýär.

Uçýar.
Uçup, hemem göçüp,
Köñül oda salýar seni,
Sen barybir Biribar däl,
Ýalkap-ýazgar ýaly meni.

Öz aýbym özüne ýetik,
Ýetik bir dowzaha çenli.
Başky söýgim – köýen söýgim,
Ýuwdarha dek ýuwdar meni.

Bilmedim, başym ýaşmydy,
Imrindim, yñranyp galdym.
Başdaşym, baky syrdaşym,
Ismiñ bagra ýazyp galdym.

Tä ölünçäm – bu barlykda,
Ähti-imanym meniñ.
Çäç bilenim, harmanyma,
Nur, myrat gümanym meniñ.

Seniñ bagtyñdan garaljak,
Iñrik neçün garalanok?!
Ilki söýgim uçup barýar,
Saña-maña garananok…

Hojaberdi BAÝRAMOW. Goşgular